TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI

BUÝRUK

STATE COMMITTEE OF STATISTICS OF TURKMENISTAN

ORDER

# BUÝRUK № 77-Ö

Aşgabat ş. 2024-nji ýylyň 31-nji dekabry

**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2019-njy ýylyň 14-nji maýynda çykaran 56 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň Tertibine üýtgetmeler girizmek hakynda**

2017-nji ýylyň 26-njy awgustynda kabul edilen “Hukuk namalary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasyna we 2012-nji ýylyň 31-nji martynda kabul edilen “Statistika hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasyna esaslanyp, “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 8-nji iýulynda çykaran 179-njy karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda göz öňünde tutulan statistiki hasabatlylygyň görnüşlerini döwrebaplaşdyrmak, hususan-da ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslaryň-hususy telekeçileriň, mikrokärhanalaryň, kiçi we orta kärhanalaryň, iri we has iri kärhanalaryň hasabat bermekleriniň möhletlerine gaýtadan seredip, umumylaşdyrmak hem-de kadalaşdyryjy hukuk namalary kämilleşdirmek barada talaplary ýerine ýetirmek maksady bilen,

**BUÝURÝARYN:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2019-njy ýylyň 3-nji iýunynda 1231 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň Tertibini tassyklamak barada” Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2019-njy ýylyň 14-nji maýynda çykaran 56 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň Tertibiniň 3-nji goşundysynda:

1) “__________________ welaýatynyň/Aşgabat ş.
Statistika müdirliginiň
__________________etrap/şäher statistika bölüminiň
başlygyna” diýen sözleri
“_________________welaýatynyň/şäheriniň statistika müdirliginiň
_______ etrap/şäher statistika bölüminiň başlygyna” diýen sözler bilen çalşyrmaly;

2) “*Forma №1-MHI “Kärhananyň maliýe-hojalyk işleri barada hasabaty” (ýyllyk, çärýeklik), “Işleýän hususy telekeçiniň statistik hasaba alnyşynyň kartoçkasyny” (ýarym ýyllyk) goşmazdan.” diýen sözleri aýyrmaly.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary G.Annanyýazowanyň üstüne ýüklemeli.

**Başlyk** **D.Amanmuhammedow**

Türkmenistanyň Statistika baradaky
döwlet komitetiniň
baş ýuristi
A.Nurmuhammedow__________

Türkmenistanyň Statistika baradaky
döwlet komitetiniň başlygynyň
2019-njy ýylyň 14-nji maýynda
çykaran 56-njy belgili buýrugy bilen
tassyklandy

**Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň TERTIBI**

1. Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) "Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we döwlet statistika edaralaryna respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary bermegiň tertibini kesgitleýär.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin ulanylýan esasy düşünjeler:

1) ilkinji statistik maglumatlar – statistik gözegçiligiň obýekti hakynda uçdantutma we seçimleýin statistik gözegçilikleriň degişli formalary boýunça berlen dogry, doly, deňeşdirip bolýan maglumatlar;

2) respondentler – döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarlylygy bolan edaralara bellenilýän tertipde ilkinji statistik maglumatlary berýän Türkmenistanyň fiziki şahslary, ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we öý hojalyklary, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, daşary ýurt ýuridik şahslary (aýrybaşgalanan düzüm birlikleri) we halkara guramalary;

3) hojalygy ýörediji subýektler – ýuridik şahslar we olaryň aýrybaşgalanan düzüm birlikleri;

4) ýuridik şahslar – eýeçiliginde aýrybaşga emlägi bolan we öz borçnamalary boýunça bu emläk bilen jogap berýän, öz adyndan emläk we emläkleýin däl şahsy hukuklary edinip hem-de amala aşyryp bilýän, borçlaryny çekip bilýän, kazyýetde hak isleýji we jogap beriji bolup bilýän gurama ýuridik şahs diýlip ykrar edilýär. Ýuridik şahslaryň özbaşdak balansy, möhri we bankda hasaby bolýar;

5) aýrybaşgalanan düzüm birlikleri – ýuridik şahsyň bolýan ýerinden daşarda ýerleşen hem-de ýuridik şahsyň bähbitlerini goraýan we oňa wekilçilik edýän, onuň adyndan geleşikleri baglaşýan we beýleki ýuridiki hereketleri amala aşyrýan wekillikleri we şahamçalary we beýlekiler;

6) hojalygy ýörediji subýektiň üýtgedilip guralmagy - munuň özi ýatyrmak çäresini geçirmezden kärhanany gaýtadan döretmekdir.

3. Respondentler döwlet statistik hasabatlaryny döwlet statistika edaralaryna we oňa ygtyýarly beýleki edaralara olaryň tabşyrylmagyna we dogrulygyna jogapkär adamlaryň gol çekmekleri bilen bellenilen möhletlerde bermäge borçludyrlar. Eger, Türkmenistanyň kanunçylygynda (hususanda, "Uglewodorod serişdeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda) ýa-da halkara şertnamalarynda döwlet statistik hasabatlaryny bermegiň başga düzgünleri bellenilen ýagdaýynda, onda olar ulanylýar.

4. Ilkinji statistik maglumatlar respondentler tarapyndan döwlet statistik hasabatynyň tabşyrylýan senesine degişli hasabat döwri üçin bar bolan ilkinji hasaba alyş we beýleki resminamalar esasynda tabşyrylýar.

5. Ilkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik habarlary emele getirmek üçin peýdalanylýar.

6. Statistik maglumatlar respondentler tarapyndan kagyz göterijilerde, elektron göterijilerde, şeýle hem telefonyň üsti bilen ýa-da Internet arkaly iberilip bilner. Statistik maglumatlary bermegiň formasy Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan kesgitlenilýär.

7. Döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynyň baş sahypasy Döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynyň baş sahypasynyň nusgalaryna (şu Tertibiň 1-nji we 2-nji goşundy) laýyklykda doldurylýar. Döwlet statistik hasabatlylygyň formalarynyň baş sahypasynda döwürleýinligi, tabşyrylmaly möhleti, kim tarapyndan tabşyrylýandygy, tabşyrylmaly salgylary, şeýle hem, onuň tassyklanandygy hakynda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň buýrugynyň belgisi we senesi görkezilýär.

8. Ilkinji statistik maglumatlaryň statistika edaralary tarapyndan kabul edilen senesi olaryň respondent tarapyndan tabşyrylan güni hasaplanylýar.

9. Hojalygy ýörediji subýektiň üýtgedilip guralan ýagdaýynda ilkinji statistik maglumatlar aşakdaky tertipde berilýär:

1) goşulmak görnüşinde üýtgedilip guralanda, döwlet statistik hasabaty üýtgedilip guralan hojalygy ýörediji subýektleriň ilkinji statistik maglumatlaryny goşmak bilen, täze dörän hojalygy ýörediji subýekt tarapyndan tabşyrylýar;

2) bir ýa-da birnäçe hojalygy ýörediji subýektiň başga bir hojalygy ýörediji subýekte birleşdirilende, döwlet statistik hasabaty birleşdirilen hojalygy ýörediji subýekt (hojalygy ýörediji subýektler) boýunça ilkinji statistik maglumatlary goşmak bilen olaryň goşulýan hojalygy ýörediji subýekti tarapyndan tabşyrylýar;

3) bölünmek görnüşinde üýtgedilip guralanda, döwlet statistik hasabaty üýtgedilip guralan hojalygy ýörediji subýektiň ilkinji statistik maglumatlaryny goşmazdan, täze dörän hojalygy ýörediji subýektler tarapyndan tabşyrylýar;

4) bölünip aýrylma görnüşinde üýtgedilip guralanda, döwlet statistik hasabaty bölünip aýrylan hojalygy ýörediji subýekt (hojalygy ýörediji subýektler) boýunça, onuň (olaryň) bölünip aýrylma pursatyna çenli ilkinji statistik maglumatlaryny goşmak bilen, üýtgedilip guralan hojalygy ýörediji subýekt tarapyndan tabşyrylýar. Eger täze dörän hojalygy ýörediji subýektler aýratyn balansy bolan aýrybaşgalanan düzüm birliginiň esasynda emele getirilmedik bolsa, olar boýunça ilkinji statistik maglumatlary üýtgedilip guralan hojalygy ýörediji subýekti boýunça ilkinji statistik maglumatlary döwlet statistik hasabatyna goşulmaýar. Eger bölünip aýrylan hojalygy ýörediji subýekt üýtgedilip guralan hojalygy ýörediji subýektiň aýratyn balansy bolan aýrybaşgalanan düzüm birliginiň esasynda emele getirilen bolsa, döwlet statistik hasabaty bu aýrybaşgalanan düzüm birligi boýunça ilkinji statistik maglumatlary goşmak bilen bölünip aýrylan hojalygy ýörediji subýekt tarapyndan tabşyrylýar;

5) üýtgedilip guralanda, döwlet statistik hasabaty üýtgedilip guralan hojalygy ýörediji subýekt boýunça ilkinji statistik maglumatlary goşmak bilen täze dörän hojalygy ýörediji subýekt tarapyndan tabşyrylýar;

6) aýratyn balansy bolmadyk düzüm birlikler ýatyrylan ýagdaýynda, bu düzüm birlikleri boýunça ilkinji statistik maglumatlar hojalygy ýörediji subýektiň döwlet statistik hasabatyndan aýrylmaýar.

10. Ýuridik şahslaryň başga dolandyryş-çäk birlikleriniň çäginde ýerleşýän aýrybaşgalanan düzüm birlikleri döwlet statistik hasabatlylygynyň formalaryny ýerleşýän ýerindäki döwlet statistika edarasyna tabşyrýarlar. Aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň döwlet statistik hasabaty düzmek üçin zerur maglumatlary ýok bolan halatynda, olaryň ýerine hasabaty özünden ýokarda duryan edarasy (ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy we ş.m.) düzýär we aýrybaşgalanan düzüm birligiň ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna tabşyrýar. Şeýle ýagdaýda özünden ýokarda duryan edarasy özüniň ýerleşýän ýerindäki döwlet statistika edarasyna tutuş ministrlik, pudaklaýyn dolandyryş edarasy boýunça hasabaty hem-de başga dolandyryş-çäk birlikleriniň çäginde ýerleşýän we beýleki ýurtlaryň çäklerinde ýerleşýän aýrybaşgalanan düzüm birlikleriniň maglumatlaryny goşmazdan hasabaty tabşyrýar.

11. Statistik görkezijileri emele getirmegiň we (ýa-da) hasaplamagyň usulyýeti üýtgän ýagdaýynda, eger döwlet statistik hasabatlylygynyň formasynda geçen hasabat döwründäki we geçen ýylyň degişli döwründäki ilkinji statistik maglumatlaryň tabşyrylmagy göz öňünde tutulan bolsa, olar hasabat döwrüniň usulyýeti boýunça berilýär.

12. Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlar olaryň döredilen pursatyndan we ýatyrylan (işiniň bes edilen) pursatyna çenli tabşyrylýar.

13. Respondentiň işi bir aýdan artyk we (ýa-da) bir çärýekden artyk ýöredilmedik ýagdaýynda aýlyk, çärýeklik we (ýa-da) ýyllyk döwürleýinli döwlet statistik hasabatlylygynyň formalary boýunça statistik edaralaryna statistik formalarynyň ýerine kagyz göterijide her forma boýunça aýratynlykda döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça maglumatlaryň ýokdugy barada Güwänama (şu Tertibe 3-nji goşundy) berilýär, onda formanyň belgisi, ady, döwürleýinligi, işiniň ýöredilmeýändiginiň sebäpleri we işiniň näçe wagtyň dowamynda ýöredilmejekdiginiň möhleti görkezilýär.

14. Döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça maglumatlaryň ýokdugy barada Güwänamada görkezilen möhlet tamamlanandan soň respondent döwlet statistik hasabatlylygyň formalaryny statistika edaralaryna tabşyrýar.

15. Eger respondent işiniň ýöredilmeýändigi bilen baglylykda, döwlet statistika edaralaryna ýüz tutsa, hasabat ýylynda işlenen döwrüniň hasabatlylygy (ýyllyk ilkinji statistik maglumatlary) görkezilýän statistik formalaryny hasaba almazdan, döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça maglumatlaryň ýokdugy barada Güwänamada görkezilen möhletiň ahyryna çenli şol respondent tarapyndan statistik formalar tabşyrylmaýar.

Respondentler tarapyndan ilkinji
statistik maglumatlary bermegiň
tertibine 1-nji goşundy

# Döwlet statistik hasabatlylygyň formasynyň baş sahypasynyň nusgasy

| DÖWLET STATISTIK HASABATLYLYGY | HASABAT “STATISTIKA HAKYNDA” TÜRKMENISTANYŇ KANUNYNYŇ 22-NJI MADDASYNYŇ IKINJI BÖLEGINE LAÝYKLYKDA TABŞYRYLÝAR |
|---|---|

“Statistika hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 23-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda ilkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik habarlary emele getirmek üçin peýdalanylýar

Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda döwlet statistik hasabatlaryny bermek möhletleriniň bozulmagy, hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir

**Forma № 5-z (işgärler)** **HRBNGU** [ ]

**IŞE KABUL EDILEN WE IŞDEN BOŞADYLAN IŞGÄRLERIŇ SANY BARADA HASABAT**

**20 __ ýylyň ýanwar - _________ aýlary boýunça**

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň
20__-nji ýylyň ___-nji ____________
№ ____ buýrugy bilen tassyklanyldy

**Ýarym ýyllyk**

**Tabşyryarlar:**

1. Döwlet eýeçiligine degişli edaralar, kärhanalaryň, guramalaryň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň balansynda duran Türkmenistan bilen bilelikdäki we daşary ýurtlaryň gatnaşmagyndaky gatyşyk eýeçiligine degişli kärhanalar we beýleki kärhanalar (ýuridik şahslar bolup durýan kiçi we orta telekeçilik subýektlerinden, hususy eýeçilikdäki we daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryndan başgalar) hasabat döwründen soň aýyň 10-na çenli:
   a) ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna;
   b) özünden ýokarda durýan edarasyna.
2. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary jemleýji hasabaty - Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine hasabat döwründen soň aýyň 15-ne çenli

NUSGA

Hasabat tabşyrýan hojalyk subýektiniň ady _______________________________________________

_____________________________________________________________________________

Poçta salgysy _____________________________________________________________________
(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №, telefon, faks , E-mail)

| HSUK boýunça kod | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|

| HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |
|---|---|---|---|

Respondentler tarapyndan ilkinji statistik maglumatlary
bermegiň tertibine 2-nji goşundy

# Döwlet statistik hasabatlylygyň formasynyň baş sahypasynyň nusgasy

| | |
|---|---|
| **DÖWLET STATISTIK HASABATLYLYGY** | **HASABAT "STATISTIKA HAKYNDA" TÜRKMENISTANYŇ KANUNYNYŇ 22-NJI MADDASYNYŇ IKINJI BÖLEGINE LAÝYKLYKDA TABŞYRYLÝAR** |

"Statistika hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 23-nji maddasynyň dördünji bölegine laýyklykda ilkinji statistik maglumatlar ýaşyryndyr we olar jemleýji statistik habarlary emele getirmek üçin peýdalanylýar.

> Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary hakynda kodeksiniň 289-njy maddasyna laýyklykda döwlet statistik hasabatlaryny bermek möhletleriniň bozulmagy, hasabatlylygyň nädogry ýa-da ýoýulan maglumatlarynyň döwlet statistika edaralaryna berilmegi üçin administratiw jogapkärçilik bellenendir

| | |
|---|---|
| **Forma ☐ 1-km** **HRBNGU** [ ] <br><br> **KÄRHANANYŇ (GURAMANYŇ) IŞLERINIŇ ESASY MALIÝE GÖRKEZIJILERI BARADA HASABAT** <br><br> **20___ ý. ýanwar-____________aýlary boýunça** | Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 20___-nji ýylyň __-nji ________________ №___ buýrugy bilen tassyklanyldy <br><br> **Çärýeklik** <br> **Tabşyrýarlar:** <br> Hojalyk hasaplaşygynda duran we özbaşdak balansy bolan, önümi (işleri, hyzmatlary) öndürmek bilen meşgullanýan döwlet kärhanalary (guramalar), banklary we býujet edaralaryny goşmazdan, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi tarapyndan bellenen maliýe hasabatlarynyň tabşyrylmaly möhletlerinde ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna |

Hasabat tabşyrýan hojalyk subýektiniň ady ________________________________________________

Poçta salgysy ________________________________________________
(poçta indeksi, ýerleşýän ýeriniň ady, köçesi, jaý №, telefon, faks, E-mail))

HSUK boýunça kod | | | | | | | | |      HSUK boýunça şahamçanyň kody | | | |

Respondentler tarapyndan ilkinji
statistik maglumatlary bermegiň
tertibine 3-nji goşundy

**Döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça maglumatlaryň ýokdugy barada**

## Güwänama

_____________ welaýatynyň/şäheriniň
statistika müdirliginiň
_____________ etrap/şäher statistika bölüminiň
başlygyna

Kärhana/gurama/edara (mundan beýläk-Kärhana)/
hususy telekeçi_______________________________________________________

(kärhananyň ady, hususy telekeçiniň familiýasy, ady, atasynyň ady)

_____________________________________ HSUK kody/HSB ________________

Şu döwlet statistik hasabatlylygyň formasy boýunça maglumatlaryň ýokdugyny Size habar berýär:

____________________________________________________________________

(formanyň belgisi, formanyň ady, döwürleýinligi)

____________________________________________________________________

____________________________________________________________________

(haýsy möhletiň dowamynda (aý, çärýek)

____________________________________________________________________

(sebäbini görkezmeli )

____________________________________________________________________

Kärhananyň
ýolbaşçysy/hususy
telekeçi __________________________________ _____________ ___________

(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly) (möhür ýeri)

______________________

(güwänamanyň düzülen wagty)

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2025-nji ýylyň 24-nji ýanwarynda 1849 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.